# Dädem Gorkut

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Dädem Gorkut DÄDEM GORKUT




Altmyşdan agandyr salym,
Aýan bolsun saňa halym.
Dädem Gorkut!
Sürdüm munda är ömrüni
Huzuryňda diýjek şuny:
Atam diýdi: – Iki gözmüň biri sen, ogul,
Daglarymyň, derelermiň şiri sen, ogul.
Atadan görüp, supra ýazdym gonaga,
Ýaz – diýmedim – doňaga.
Agyr – agyr garlaryň ýaza galanyn görmedim,
Duşmanymy dost saýyp oňa göwün bölmedim.
At iýmeýän ajy otly sähraýa
Atymy sürmedim, dädem Gorkut!
Gatyr bolsun diýip, gara eşek başyna
Uýan dakmadym, dädem Gorkut!
Sözüm almadyk ýigide janym ýakmadym, dädem Gorkut!
Arpany ýere sepip, bugdaýy istemedim.
Arka tutdym milletden
Gaça durdum minnetden.
Hemdem boldy alp ýigitler,
Dert-azarym galp ýigitler.
Dädem Gorkut,
Depegözi deplän Beset,
Ezraýyla geplän Domrul…
Bular meniň tanyşlarym,
Bular meniň danyşanym.

Herki zadyň ýagşy çeni,
Dädem Gorkut, diňle meni:
Nirde haýyr, nirde hatam,
Sen ne diýrsen, eziz atam!!. Goşgular